# Çeşme

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Çeşme ÇEŞME

Aka-aka çykypsyñ sen Ýanbaşdan,
Gözbaşyñ nirede,
Gaýtdyñmy daşdan?

Ýar zülpün ýatladýar öwrümiñ – towun
Kim, haçan gant goşdy – bal ýaly suwuñ.

Gördüm men düýbüñde küýze döwügin,
Hiç kim suw daşanok küýzede bu gün.

«Belki, galandyr ol Nusaý döwründen?»
Oýa batyp, diñleýärin böwrüm men:

Nusaýly gözeller suwa gelende,
Synandyr ol bir gözeliñ elinde.

Inçe bil, uzyn boý nusaý gözeli,
Gelendir ertesi täze küýzeli.

Aýnasy bolansyñ – saña bakanda,
Beg ýigitler at çapandyr ýakañda.

Nusaý galasyna dökülip duşman,
Senden ençe gezek akandyr al gan.

Köp gezek eşdensiñ söweş surnaýyn…
Ýatladyp, ýarañy gozgap durmaýyn.

Guramasañ – zat bolmada sakaña,
Belki, kän ýyllardab geler ýakaña.

Maña meñzeş agtygym ýa çowlugym,
Gör-le, dowam etmekligiñ gowulygyn!